# Öýke eýleme

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Öýke eýleme ÖÝKE EÝLEME



Köňül erdim, yşyk meýilinde hyýalym,
Sen perizat menden öýke eýleme.
Ajap husneý mähiri jemalyň aýym,
Melekmiň, perimiň, hüýrmiň söýle ne?!
Näzli söýläp, näzli gülip bakyşyň,

Jany alar, kirpik gaşyň kakyşyň,
Mežnuny Leýli dek oda ýakyşyň,
Ataşda ýakar sen bu ne diýsene.

Gözellikde seň jemalyň zyýada,
Edebiň, ekramyň, görküň haýada,
Yşga joşdym, şygyrym galyp uýada,
Gahyr eýleýip, sen bihaýa diýme ne.

Näzli görküň, juwan köňlüm hoş eýlär,
Dertli göwnüm seniň keşbiň ýaş eýlär,
Sen gül, bil-bil seni joşup yş eýlär,
Halmyrat sen indi artyk söýleme.

Halmyrat ORAZOW. Goşgular